***Germaniýanyň Türkmenistandaky Ilçihanasy 2026-njy ýylyň maý aýyndan başlap Hukuk we Konsullyk bölüminde işlemek üçin bir ýa-da iki sany işgär kabul etjekdigini mälim etdi.***

Ilçihananyň maglumatyna görä, täze işgärleriň esasy wezipeleri ýüz tutujylar bilen göni aragatnaşykda bolmak we konsullyk hyzmatlarynyň ýerine ýetirilmegine gatnaşmakdan ybarat bolar.

## Esasy iş ugurlary şulardan ybarat:

- Nemes, türkmen we rus dillerinde ýüz tutujylary kabul etmek
- Wiza arzalaryny kabul etmek we olary işlemek
- Ýüz tutujylar bilen hat alyşmak we telefon arkaly habarlaşmak
- Wiza resminamalaryny tertiplemek we arhiwlemek

Ilçihana bu wezipä gyzyklanma bildirýän dalaşgärleri giňişleýin maglumat bilen tanyşmak üçin resmi web sahypasyna ýüzlenmäge çagyrýar. Barlag üçin baglanyşyk Ilçihananyň profilinde ýerleşdirilen.

https://aschgabat.diplo.de/tm-ru

- Esasy iş ugurlary şulardan ybarat:

Все права защищены